$$q = \frac{M^* - m^*}{M^* + m^*} = \frac{1 - \frac{m^*}{M^*}}{1 + \frac{m^*}{M^*}}$$

belli bolşy ýaly $\left(\frac{m^*}{M^*} = 0{,}1\right)$ minimumy kesgitlemek üçin, onuň tertibiniň dogrylygynyň ösýänligini kesgitlemek üçin, bolanda 10

Teorema 2: Tizleşdirilen aşaklamausulu, only kesgitlenen kwadratik görnişe ulanylanda, ol norma boýunça toplanýar, özem maýdalowjysy geometric progressiýasyndan haýal däldir.

$$q = \frac{M-m}{M+m} = \frac{1-\dfrac{m}{M}}{1+\dfrac{m}{M}}$$

şeýle hem funksional boýunça maýdalowjysynyň geometrik progressiýasyndan haýal däldir.

Goý *f(x)* *2*-gezek üzüniksiz differensirlenýän funksiýa bolsun. Onda $\bar{x}$-azat nokadyň töwereginde ol funksiýa aşakdaky görnişe eýe bolup biler.

$$f(x_0 + f\eta) = f(x_0) + (\nabla f(x_0), h)t + \frac{1}{2}(H(x_0)h \cdot h)t^2 + 0(t^2)$$

H(x₀) –simmetrik matrisa

$$H(x_0) = \{h_{ij}(x_0)\}_{i,j=1}^{h}, h_{ij}(x_0) = \frac{\partial^2 f}{\partial k_i \partial x_j}(x_0)$$

gessian diýilip atlandyrylýar. Goý tizleşdirilen aşaklama usuly *f(x)*-funksiýanyň *x**-nokada minimumlaşmagy toplanmaklygy üçin ulanylýan bolsun, şeýle hem *max M**, *min m** hususy bahaly bolmaklygy ücin, *H(x*)* gessian oňly kesgitlenen matrissadyr.
Onda tizleşdirilen aşaklamanyň netijesini göz öňünde tutup, kwad-ratik görniş üçin, asimptotiki toplanmanyň tizligine, (аналогично) bir meňzeş (edil şonuň ýaly) bahalanmasyna garaşmak bolar.

$$\lim_{k\to\infty} \sqrt[k]{\|x_k - x^*\|} \le \frac{M^* - m^*}{M^* + m^*}$$

$$\sup_U \tilde{H}(t, x(t), u, \psi_1(t)) = +\infty$$

$\tilde{H}(t, x(t), u, \psi_1(t))$, *u* – boýunça differensirlenýär we *u=u(t)* bolanda maksimuma eýe bolýar. (t – islendik nokat üznüksiz *u(t)* funksiýa görä).
Şonuň üçin

$$\frac{\partial f}{\partial u}(t, x(t), u(t), \psi_1(t)) = \psi_0 \frac{\partial f}{\partial u}(t, x(t), u(t)) + \psi_1(t) = 0$$

ýagny $\psi_1(t) = -\psi_0 \dfrac{\partial f}{\partial u}(t, x(t), u(t))$. Iň soňky deňlemäni (8) – de
(9) ýerinde goýup alarys, ýagny Eýleriň deňlemesini

$$\frac{\partial f}{\partial x} - \frac{d}{dt}\left(\frac{\partial f}{\partial u}\right) = 0, \ (u = x'(t)).$$

2. Amaly meseleleriň arasyndaky, şeýle meseleler gabat gelýärler: u=u(t) rugsat edilen hemme deňlemeleriň içinde, şeýle bir häsýete eýe bolup, degişli çözüw *x=x(t)* (1) deňlemeler ulgamy aşakdaky şertleri ýerine ýetirýär:

$$x(t_0) = x_0, x(t_1) = x_2$$

haçan $t_1 > t_0$ (t_1 – moment wagty fiksirlenen däl) şeýle bir çözülişi tapmaly, netijede (2) funksional iň kiçi bahany kabul edip alar ýaly.

II. Bap. Çyzykly programmirlemäniň esasy meselesi

§1. Çyzykly programmirleme meselesine gelýän amaly meseleler we onuň matematiki modeli

Goý, kärhananyň n görnüşli önümi öndürmäge mümkinçiligi bar bolsun. Oba hojalyk pudagyna degişli bolan edaralarda bu önümlere maldarçylyk, ösümçilik önümleri mysal bolup biler. Şonlukda kärhana m görnüşli resurslara eýe (mysal üçin: ýer, işçi güýç, tohum we ş.m.). Bu resurslaryň bar bolan mukdary öňünden belli:

$$b_1, b_2, \dots, b_i, \dots, b_m.$$

Her bir önümiň öndürilişinden alnan ykdysady taýdan peýdasy belli:

$$c_1, c_2, \dots, c_j, \dots, c_n.$$

Mundan başga-da her görnüşiň bir önümini öndürmek üçin zerur bolan resursyň her bir görnüşiniň mukdary bellidir:

$$a_{11}, a_{12}, \dots, a_{ij}, \dots, a_{mn}.$$

Bu ýerde a_{11} – birinji önümi öndürmek üçin brinji resursyň zerur bolan mukdary we ş.m.; umumy görnüşde a_{ij} – bu j ($j=1,2,\dots,n$) nomerli önümi öndürmek üçin zerur bolan i (i=1,2,...,m) nomerli resursyň mukdary. Bu sanlara tehnologik koeffisiýentler hem diýilýär, olaryň sany mn ululyga deň.

X önümçiligiň jemeleýji girdejisiniň iň uly baha eýe bolmagyny üpjün edýän meýilnamasyny düzmek zerurlygy ýüze çykýar (basgaça aýdanymyzda, her görnüşiň $x_1, x_2, \dots, x_j, \dots, x_n$ önümleriň zerur bolan mukdaryny tapmaly).

Ilki bilen maksat funksiýany düzeliň. Onuň üçin girdejini belli bolan ululyklar arkaly aňladalyň. Birinji görnüşli bir önüm c_1

$$\frac{(Ax_0, x_0)}{\|Ax_0\|\|x_0\|} \ge \frac{2\sqrt{\lambda_1\lambda_2}}{\lambda_1+\lambda_2} \qquad (7)$$

deňlik emele gelýär haçan

$$\alpha_1^2 = \frac{\lambda_2}{\lambda_1+\lambda_2}; \qquad \alpha_2^2 = \frac{\lambda_1}{\lambda_1+\lambda_2}$$

(7) deňsizlikden alarys

$$\min_{\|x\|\ne 0} \frac{(Ax, x)}{\|Ax\|\|x\|} = \frac{2\sqrt{mM}}{M+m} S_2$$

S_1,S_2, A-operatoryň hususy normirlenen wektorlary, olar degişlilikde max, we min hususy sanlardyr.
Lemmanyň subudyndan we (3) formuladan alarys:

$$f(x_{k+1}) \le f(x_k)\left[1-\frac{4Mm}{(M+m)^2}\right] = f(x_k)\left(\frac{M-m}{M+m}\right)^2$$

Şeýlelikde

$$f(x_k) \le f(x_0)\left(\frac{M-m}{M+m}\right)^{2k} \qquad (8)$$

Bu ýerden $\|x_k\|$ üçin bahany kesgitlemek bolar.

$$\|x_k\| \le \sqrt{\frac{(Ax_k, x_k)}{m}} = \sqrt{\frac{2f(x_k)}{m}} \le \sqrt{\frac{2f(x_0)}{m}}\left(\frac{M\text{ - }m}{M+m}\right)^k =$$

$$= \sqrt{\frac{(Ax_0, x_0)}{m}} \cdot \left(\frac{M-m}{m+M}\right)^k \le \sqrt{\frac{M}{m}}\|x_0\| \cdot \left(\frac{M-m}{M+m}\right)^k,$$

$$\|X_k\| \le \|X_0\|\sqrt{\frac{M}{m}} \cdot \left(\frac{M-m}{M+m}\right)^k$$

şeýlelikde aşakdaky teoremany aldyk:

min

$$\frac{(\mathrm{Ax},\mathrm{x})}{\|\mathrm{A}\|\|\mathrm{x}\|}=\frac{2\sqrt{\mathrm{Mm}}}{\mathrm{M}+\mathrm{n}} \qquad (5)$$

$$\|\mathrm{x}\|\neq 0$$

Subudy: Goý X_0-fiksirlenen (belleninen) azat hususy däl wektor. Onda x_0, Ax_0 wek-torlar bilen emele gelen, $E(x_0)$ 2-ölçegli kiçi giňişlige seredeliň. $E(x_0)$ kwadratik görnişli $K(y)=(Ay,y)$ $y \in E(x_0)$ kesgitläliň bu kwadratik görnişe, 2 ölçegli $E(x_0)$kiçi görnişlikde kesgitlenen $\overline{A}x_0$ oňly, kesgitlenen simmetrik operatiw de-gişlidir. Eger λ_1, λ_2 (kemelmeýän tertipde) Ol operatoryň hususy sanlary bolsa, hemde $m=\lambda_1 \leq \lambda_2 \leq M$ ýerine ýetýän bolsa. Onda ol, $\forall y \in E(x_0)$ netijesi bolup durýar.

$$m\|y\|^2 \leq \left(\overline{A}x_0, y, y\right)= A(y,y)\leq A\|y\|^2$$

Goý $E(x_0)$-kiçi giňişligiň içinde $\overline{A}x_0$-operatoryň $\{x_1, x_2\}$ hususy wek-torlary ortanormirleşdirýän ulgam we $\|x_0\|=1$ bolsun.

Onda x_0 –aşakdaky görnişde ýazalyň:

$x_0=\alpha_1 x_1+\alpha_2 x_2$, özem $\alpha_1^2+\alpha_2^2=1$ onda:

$$\frac{(Ax_0, x_0)}{\|Ax_0\|\|x_0\|}=\frac{\alpha_1^2\lambda+\alpha_2^2\lambda_2}{\sqrt{\alpha_1^2\lambda_1^2+\alpha_2^2\lambda_2^2}} \qquad (6)$$

sag tarapyny minimumlaşdyryp (6) deňlemeden $\alpha_1^2\lambda_1^2=1$ şertine görä alarys:

girdejini berýär; meýilnama boýunça birinji görnüşli önüm x_1 mukdarda öndürilmeli, bu bolsa c_1x_1 girdejini berer. Şuňa meňzeşlikde meýilnama boýunça x_2 mukdarda öndürilmeli ikinji gönüşli önüm c_2x_2 girdejini berer we ş.m. Umumy girdeji (ony z bilen belgiläliň) aşakdakyny berer:

$$z=c_1x_1+c_2x_2+\ldots+c_jx_j+\ldots+c_nx_n$$

Bu aňlatma meseläniň maksat funksiýasy bolup durýar. Bu aňlatmany aşakdaky görnüşde ýazmak hem bolar:

$$z=\sum_{j=1}^{n} c_j x_j$$

Indi bolsa çäklendirmeler ulgamyny düzeliň. Başgaça aýdanymyzda, gözlenýän X meýilnamanyň x_j komponentleriniň kanagatlandyrmaly şertlerini düzmeli. Munuň üçin önümi öndürmekde sarp ediljek her bir görnüşli resursyň mukdaryny tapmaly.

Birinji görnüşli x_1 sany önümi öndürmek üçin $a_{11}x_1$ mukdardaky birinji görnüşli resurs sarp ediler; iknji görnüşli x_2 sany önümi öndürmek üçin $a_{12}x_2$ mukdardaky ikinji görnüşli resurs sarp ediler we ş.m. Umumy çykdajy aşakdakyny berer:

$$a_{11}x_1+a_{12}x_2+\ldots+a_{1j}x_j+\ldots+a_{1n}x_n$$

(bu aňlatmada a koeffisiýentiň birinji indeksi üýtgemän galýandygyny, ikinji bolsa üýtgeýändigini bellemek gerek).

Emma resursyň umumy çykdajysy bar bolan resursdan uly bolmaly däldir, şonuň üçin tapylan soňky aňlatma birinji b_1 resursa diňe ýa deň ýa-da uly bolup biler:

$$a_{11}x_1+a_{12}x_2+\ldots+a_{1j}x_j+\ldots+a_{1n}x_n \leq b_1$$

Şuňa meňzeşlikde galan resurslar üçin hem şertleri düzmek bolar:

$$a_{21}x_1 + a_{22}x_2 + \ldots + a_{2j}x_j + \ldots + a_{2n}x_n \le b_2$$
$$\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots$$
$$a_{i1}x_1 + a_{i2}x_2 + \ldots + a_{ij}x_j + \ldots + a_{in}x_n \le b_i$$
$$\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots$$
$$a_{n1}x_1 + a_{n2}x_2 + \ldots + a_{nj}x_j + \ldots + a_{nn}x_n \le b_n$$

Meýilnama hakykatda ulanmaga ukyply bolar ýaly x_j komponentler ýokarda getirlen şertleri kanagatlandyrmalydyrlar.

Emma gözlenýän ululyklara ykdysady taýdan seredilende bu ululyklaryň otrisatel bolmaly däldigi gelip çykýar. Şol bir wagtda bu ululyklar nola deň bolup bilerler; bu bolsa şu görnüşiň öndürilmegi düşewüntli däldigini aňladýar. Diýmek, ýokarda alynan şertlere gözlenýän ululyklaryň otrisatel dällik şertini goşmaly:

$$x_1 \ge 0,$$
$$x_2 \ge 0,$$
$$\ldots$$
$$x_j \ge 0,$$
$$x_n \ge 0.$$

Alnan deňsizlikleriň iki topary bilelikde meseläniň çäklendirmeler ulgamyny düzýärler. Olary başgaça aşakdaky görnüşde ýazmak bolar:

$$\sum_{j=1}^{n} a_{ij}x_j \le b_i \qquad (i = 1,2,\ldots,m);$$
$$x_j \ge 0 \qquad (j = 1,2,\ldots,n);$$

Indi bolsa meseläni aşakdaky ýaly beýan etmek bolar: z funksionalyň iň uly baha eýe bolmagyny üpjün edýän we hemme deňsizlikleri kanagatlandyrýan x_j komponentleri tapmaly. Çäklendirmeler ulgamyň we maksat funksiýanyň näbellilere görä çyzyklydygyndan bu meseläniň çyzykly programmirlemäniň meselesidigi gelip çykýar.

$$\varphi(h_k) = \frac{1}{2}\left(Ax_{k+1}(h_k), X_{k+1}(h_k)\right):$$
$$2\varphi(h_k) = \left(Ax_k - h_k A^2 X_k, X_k - h_k Ax_k\right) =$$
$$= (Ax_k, x_k) - 2h_k(Ax_k, Ax_k) + h_k^2\left(A^2 x_k Ax_k\right)$$
$$\varphi'(h_k) = -(Ax_k, Ax_k) + h_k\left(A^2 x_k, Ax_k\right) = 0$$
$$h_k = \frac{(Ax_k, Ax_k)}{\left(A^2 x_k, Ax_k\right)}$$

yzgiderli ýerinde goýup alarys

$$x_{k+1} = x_k = \frac{(Ax_k, Ax_k)}{\left(A^2 x_k, Ax_k\right)} Ax_k$$

Göniden hasaplamanyň esasynda alarys:

$$f(x_{k+1}) = f(x_k) * \left[1 - \frac{(Ax_k, Ax_k)}{\left(A^2 x_k, Ax_k\right)(Ax_k, x_k)}\right] \qquad (3)$$

A-operatoryň häsiýetlerine görä: only kesgitlenen, simmetrik bolýanlygynyň esasynda $\underline{B = \sqrt{A}}$ bilen belläp, (3) formulany $Bx_k = y_k$ Kabul edip, aşakdaky görnüşde ýazmak bolar.

$$f(x_{k+1}) = f(x_k)\left[1 - \frac{\left(B^2 x_k B^2 x_k\right)^2}{\left(B^3 x_k B^3 x_k\right)\left(B^2 x_k B^2 x_k\right)}\right] =$$
$$= f(x_k)\left[1 - \frac{(By_k By_k)^2}{\left(B^2 y_k B^2 y_k\right)(y_k, y_k)}\right] = \qquad (4)$$
$$= f(x_k)\left[\frac{(Ay_k, y_k)^2}{(Ay_k, Ay_k)(y_k, y_k)}\right]$$

Kwadrat skopkanyň içindäki aňlatmany bahalamak üçin aşak-daky lemma seredeliň.

Lemma 1:

Goý *A*-oňly, kesgitlenen, simmetrik operator M_1 *m-max, min* hususy bahalary onda:

$$\left(\nabla f\left(X_{k_i}-\nabla f\right)(y),\eta\right)\le\frac{\varepsilon}{2},$$

bu ýerden

$$\left(\nabla f(y),\frac{\nabla f\left(X_{k_i}\right)}{\left\|\nabla f\left(X_{k_i}\right)\right\|}\right)\ge\left\|\nabla f\left(X_{k_i}\right)\right\|-\frac{\varepsilon}{2}\ge\frac{\varepsilon}{2}$$

bahalalyň $f\left(X_{k_i}\right)-f\left(X_{ki+1}\right)$:

$$f\left(X_{k_i}\right)-f\left(X_{ki+1}\right)\ge\int_0^h\left(\nabla f\left(X_{ki}\right)-t\frac{\nabla t\left(X_{k_i}\right)}{\left\|\nabla f\left(X_{k_i}\right)\right\|},\frac{\Delta f\left(X_{k_i}\right)}{\left\|\nabla f\left(X_{k_i}\right)\right\|}\right)dt$$

$$\ge\frac{\varepsilon}{2}h$$

bu ýerden

$$f\left(X_{k_i}\right)-f\left(X_{kp+1}\right)\ge p\cdot\frac{\varepsilon h}{2}$$

$\forall$ p-natural bolanda f(x)- funksiýanyň bu bolsa aşakdan kesgitlenenligine ters gelýär. Teorema subut edildi.

Haçan položitel (oňly) kesgitlenýän kwadrat, görnişinde L.W. Kantorowiç tarapyndan tizleşdirilen lemmanyň toplanmagynyň tizligi baradaky teorema subut edildi. Goý $f(x)=\frac{1}{2}(AX,X)$. $A>0$ nirede *A*-oňly we kesgitlenen matrissa, *M-max* hususy san, m-min hususy san *A*-operatywyň. Onda ýeňillik bilen $\nabla f(X)=A_X$ tizlişdirilen aşaklamanyň ädimine görä

$$X_{k+1}=X_k-h_k kAx_{k,}$$

nirede $\boldsymbol{h_k}$ –minimum şertlerden kesgitlenilýär:

§2. Deňlemeler ulgamlarynyň žordan usuly bilen optimal çözülişi

Goý bize Ỳewklidiň giňişliginde n-tertipli çyzykly ulgamlar berlen bolsun. Ol ulgamlar degişlilikde ýokarda seredilen ýokary tertipli tekizlikler (gipro) berlen bolsun.

$$\vec{a}\vec{x}-c\ge 0$$

$$\vec{a}\vec{x}-c\le 0$$

ýarym giňilik

$$\left.\begin{array}{l} a_{11}x_1+a_{12}x_2+\ldots+a_{1n}x_n-y_1=0\\ a_{21}x_1+a_{22}x_2+\ldots+a_{2n}x_n-y_2=0\\ \ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\\ a_{m1}x_1+a_{m2}x_2+\ldots+a_{mn}x_n-y_m=0 \end{array}\right\}\qquad(1)$$

Onda (1)-nji ulgam üçin aşakdaky tablisany ýazýarys.

Tablisa 1

	x_1 x_2 …….x_n
$y_1=$	a_{11} a_{12} ……..a_{1n}
$y_2=$	a_{21} a_{22} …….a_{2n}
….	………………..
$y_m=$	a_{m1} a_{m2} …….a_{mn}

1) Tablisada nola deň bolmadyk a_{22} elementi saýlap alýarys we ony žordan element diýip atlandyrýarys. Soňra şol setiriň hemme elementini şol elemente bölýäris. Ýöne a_{22} elementiň özüni öz-özüniň tersini alýarys.

$$a_{22}^{-1}=\frac{1}{a_{22}}$$

Tablisa 2

	x_1	y_2	…	x_n
$y_1 =$	a_{11}	$\frac{a_{12}}{a_{22}}$	…	a_{1n}
$x_2 =$	$-\frac{a_{21}}{a_{22}}$	$\frac{1}{a_{22}}$	…	$-\frac{a_{2n}}{a_{22}}$
….	...	…	…	…
$y_m =$	a_{m1}	$\frac{a_{m2}}{a_{22}}$	…	a_{mn}

2) Žordan elementiň setirindäki hemme elementler žordan elemente bölünýärler, hem alamaty tersine alynýar.

3) Žordan elementiň sütünindäki elementleriň hemmesi žordan elemente bölünýär.
4) Galan hemme elementler

$$b_{ij} = \frac{a_{ij} \cdot a_{rs} - a_{rj} \cdot a_{is}}{a_{rs}} \ .$$

formula boýunça tapylýar.

Netijede eger (1) ulgamyň matrisasynyň rangy $r=n$ bolsa, biz n gezek žordan usulyny ulanyp, hemme x-leri y-ler bilen ýerini çalşyp, aşakdaky n-nji tablisany alýarys.

Teorema 1: Üzüniksiz differensirlenýän, funksiýanyň *(1)* şerti ýerine ýetirende, $\nabla f(X_k)$ gradiýentleriň yzygiderligi nula ymtylýar:

$$\lim_{K\to+\infty} \nabla f(X_k) = 0 \tag{2}$$

Hakykatdan yzygiderligiň manatonlygynyň güýjine görä $\{f(X_k)\}_{k=0}^{\infty}$ we (1) häsiýete görä $\{X_k\}$-kesgitlenen hem-de onuň çlenleri

$$S_{X_0} = (x) + f(X) \le f(X_0) S$$

ýaýlanyň içinde ýerleşendir. A ol bolsa ýapyk kesgitlenen ýaýladyr. $\nabla f(X)$ üznüksizliginden onuň deňölçegli S_{X_0}-içinde üznüksizligi gelip çykýar. ýagny hemme

$$X_1 X' \in S_{X_0} \quad \text{we} \qquad \eta \|\eta\| = 1$$

üçin bardyr $t \ge 0$ $z(t) \ge 0$ funksiýa

$$\lim_{t\to 0} = (t) = 0$$

ýagny şeýle

$$|(\nabla f(x') \text{-} \nabla f(x), \eta)| \le z(\|x - x'\|)$$

Goý $\{\nabla f(X_k)\}$ nula ymtylmaýan bolsun. Onda islendik $\forall \varepsilon$ üçin yzygiderlik

$$\{\nabla f(X_{ki})\}_{i=0}^{\infty}$$

bar bolup,

$$\|\nabla f(X_{ki})\| \ge \varepsilon, k_{i+1} \ge k_i, i = 1,2,...; \text{ onda } \forall h,$$

üçin $\|h\| = 1,$ we y aşakdaky şerti ýerine ýetirýän bolsun

$$\|X_{k_i} - y\| \le h,$$

Aşakdaky deňsizlik dogrydyr.

§9. Çyzykly däl programmirlemäniň aşaklygyna tizleşme - gradiýent usuly

Bize belli bolşy ýaly ugur -boýunça önüm, funksiýanyň berilen ugurynyň artdyrmanyň çyzykly bölegidir. Eger berilen nokatda gradiýent nuldan tapawutly bolup, hereketiň ugry bilen gradiýentiň ugry öz aralarynda ýiti buruçy emele getirse, onda ýeterlik kiçijik süýşmeklikde görkezilen ugur boýunça, funksiýanyň bahasy-artýar, tersine süýşse bolsa, funksiýanyň bahasy-kemelýär. Bu häsiýetler bolsa, üzüniksiz differensirlenýän funksiýanyň bahasynyň yzygiderli gowulanma ýagny ***min (max)*** meselesini çözmekde ulanylýar, degişlilikde bu usula relaksasion usul diýilýär. Eger hereket göni gradiýentiň ugry boýunça bolsa, onda ol usula gradiýent usuly diýilýär. Üzülýän gradiýent funksiýalar üçin bolsa, umumylaşdyrylan gradiýent usuly işlenip düzülen. Biz bir-näçe ýönekeý we tejribede köp ulanylýan, gradiýent usullaryň hasaplanşyna seredeliň.

1) Tizleşdirlen aşaklama usuly

Goý *f(x)* – üzüniksiz, differensirlenýän funksiýa, E_n-hemme ýerinde kesgitlenen we aşakdaky häsiýeti ýerine ýetirýän bolsun

$$\lim_{\|x\|\to+\infty} f(x) = +\infty \tag{1}$$

X_0 -haýsy hem bolsa bir başlangyç nokat. Aşakdaky görnüşdäki yzygiderlige seredeliň. (çalt aşaklama usual) Proses

$$X_{k+1} = X_k - h(X_k)\nabla f(X_k), K = 1,2,...$$

nirede

$$h(X_k) \geq 0 \qquad f(X_{k+1}) = \min_{h\geq 0} f(X_k - h\nabla f(X_k))$$

ýagny prosessiň (yzygiderligiň) her bir ädiminde, biz antigradiýentiň uguryna tarap süýşýäris, şol uguryň minimumna çenli.

Tablisa 3

	y_1	y_2 …..	y_n
$x_1 =$	b_{11}	b_{12} …..	b_{1n}
$x_2 =$	b_{21}	b_{22} …..	b_{2n}
…	…………………		
x_n=	b_{n1}	b_{n2} ……	b_{nn}
…	………………………		
y_m=	b_{m1}	b_{m2} …..	b_{mn}

Mysal. Aşakdaky deňlemeler ulgamyny alalyň

$$y_1 = x_1 + 3x_2 - 2x_3,$$
$$y_2 = 4x_1 - 2x_2 + 3x_3,$$
$$y_3 = 7x_2 - x_3$$

Tablisa 4

	x_1	x_2	x_3
$y_1 =$	1	3	-2
$y_2 =$	4	-2	3
$y_3 =$	0	7	-1

Tablisa 5

	x_1	x_2	y_1
$x_3 =$	$\frac{1}{2}$	$\frac{3}{2}$	$-\frac{1}{2}$
$y_2 =$	$\frac{11}{2}$	$\frac{5}{2}$	$-\frac{3}{2}$
$y_3 =$	$-\frac{1}{2}$	$-\frac{11}{2}$	$\frac{1}{2}$

$$(-2)^{-1} = -\frac{1}{2} \quad \text{tersi} \quad \frac{1}{2}$$

Tablisadan görşümiz ýaly biz 1-ädim Žordan usulyny ulanyp, alan tablisamyzda y_1 bilen x_3-iň ýerini çalyşdyk. Edil şonuň ýaly edip degişlilikde hemme näbellileriň ýerini çalşyp, meseläniň çözüwini kesgitläp bilýäris.

Netije. Bu usulyň esasynda biz berlen ulgamyň näbellilerini tablisa görä kesgitläp bilýäris. Ýöne žordan usulynyň ulanylmasynyň sany ulgamyň elementlerinden düzülen matrisanyň rangynyň sanyna deň bolmalydyr.

$$z+\sum_{i=1}^{m}\lambda_i^*[f_i(x)-z]\geq z^*+\sum_{i=1}^{m}\lambda_i^*[f_i(x^*)-z^*]\geq z^*+\sum_{i=1}^{m}\lambda_i[f_i(x^*)-z^*]$$

$$(1-\sum_{i=1}^{m}\lambda_1^*)z+$$
$$+\sum_{i=1}^{m}\lambda_i^* f_i(x)\geq(1-\sum_{i=1}^{m}\lambda_i^*)z^*+\sum_{i=1}^{m}\lambda_i^* f_i(x^*)\geq(1-\sum_{i=1}^{m}\lambda_i)z^*+\sum_{i=1}^{m}\lambda_i f_i(x^*)$$

kanagatlandyrýan şeýle bir $\lambda_1^*,...,\lambda_m^*$ otrisatel däl sanlar bardyr.

Eger $\varphi(x)\geq f_i(x^*)$ bolsa, bu ýerden $\sum_{i=1}^{m}\lambda_i^*=1$ bolýandygyny alýarys.

Goý, $R(x^*)$ $f_i(x^*)=\varphi_i(x^*)$ üçin "i" indeksleriň köplügi bolsun. Onda

$$\sum_{i\in R(x^*)}\lambda_i^* f_i(x)\geq\sum_{i\in R(x^*)}\lambda_i^* f_i(x^*)\geq\sum_{i\in R(x^*)}\lambda_i f_i(x^*),$$
$$x\in E_n,\qquad \sum_{i\in R(x^*)}\lambda_i^*=1,\lambda_i^*\geq 0,\lambda_i\geq 0,i\in R(x^*)$$

kanagatlandyrýan şeýle bir $\{\lambda_i\}, i\in R(x^*)$ otrisatel däl sanlar bardyr. Eger $f_i(x)$, $i=1,\ldots,m$ üznüksiz differensirlenýän bolsalar, onda bu ýerden

$$\sum_{i\in R(x^*)}\lambda_i^*\nabla f(x^*)=0,\qquad \sum_{i\in R(x^*)}\lambda_i^*=1;\lambda_i^*\geq 0 \quad (9)$$

bolan λ_i^*-leriň barlygy gelip çykýar. (9) şert (6) minimaks meselede x^* nokadyň optimaldygynyň zerur we ýeterlik şertidir.

$$\sum_{i=1}^{m} a_{ij}\lambda_i^* - c_j = 0,\ j = 1,\dots,n;\ \lambda_i^* \geq 0$$

deňlemeler ulgamyny kanagatlandyrýandygyny, ýagny $\{\lambda_i\}$ Lagranž köpeldijileri çyzykly programmirlemäniň ikileýin meselesiniň ýolbererlik çözüwlerdigini alarys.

Kun-Takkeriň teoremasynyň ulanyşy bilen bagly bolan beýleki käbir netijelere, meselem, minimaks görnüşli meselelere garalyň. Güberçek minimaks meseleler indiki görnüşde formulirlenýär. E_n giňişlikde kesgitlenen $\{f_i(x)\}$, $i=1,\dots,m$ güberçek funksiýalaryň maşgalasy berlen. Goý,

$$\varphi(x) = \max_{1\leq i\leq m} f_i(x)$$

bolsun . $\varphi(x)$-iň minimumyny tapmaklyk talap edilýär:

$$\min_{x}\max_{1\leq i\leq m} f_i(x) \qquad (6)$$

Bu mesele güberçek programmirlemäniň meselesine aňsat getirilýär:

$$f_i(x) - z \leq 0,\ i=1,\dots,m \qquad (7)$$

şertlerde:

$$\min z \qquad (8)$$

tapmaly. Dorudan–da her bir x nokada $z=\varphi(x)$ hasaba alyp, (6) meseläniň ýolbererlik çözüwini goýup bileris. (7-8) meseläniň optimal çözüwini $\varphi(x)$-iň minimumy alynýandygyny zerur we ýeterlik şertini alýarys;

$\forall$ x we z $\lambda=\{\lambda_1,\dots,\lambda_m\}\geq 0$ üçin

§3. Deňlemeler ulgamynyň modelleşdirlen žordan usuly bilen optimal çözülişi

Goý bize ýokardaky ýaly ulgam berlen bolsun. Ýagny,

$$\left.\begin{array}{l} a_{11}x_1 + a_{12}x_2 + \dots + a_{1n}x_n = y_1 \\ a_{21}x_1 + a_{22}x_2 + \dots + a_{2n}x_n = y_2 \\ \dots\dots\dots\dots\dots\dots\dots\dots\dots\dots \\ a_{m1}x_1 + a_{m2}x_2 + \dots + a_{mn}x_n = y_m \end{array}\right\} \qquad (1)$$

Bu ulgamy biz haçan

1) $m=n$ bolanda, $n=r$ bolanda belli bolan usullaryň üsti bilen onuň çözüwlerini kesgiläp bilýäris;
2) Eger $m<n$ bolsa, $m=r$ bolsa, onda (1) ulgamyň çözülişinde hemme näbellileri kesgitläp bolmaýar. Sebäbi onuň tükeniksiz çözülşiniň bolup bilýändigini rangyň üsti bilen kesgitlemek bolýar;
3) Eger-de $m \geq n$ bolup, $n=r$ bolsa, onda hemme näbellileri kesgitlemek bolýar. Ýöne birnäçe deňlemeleri üýtgedip bolmaýar.

Hakykatdan :

Tablisa 1

	$-x_1$	$-x_2$	…	$-x_s$	-…	$-x_n$
$y_1 =$	$-a_{11}$	$-a_{12}$	…	$-a_{1s}$	-…	$-a_{1n}$
$y_2 =$	$-a_{21}$	$-a_{22}$	…	$-a_{2s}$	-…	$-a_{2n}$
……	………	………	………	………	………	………
$y_r =$	$-a_{r1}$	$-a_{r2}$	…	$-a_{rs}$	-…	$-a_{rn}$
……	………	………	………	………	………	………
$y_m =$	$-a_{m1}$	$-a_{m2}$	…	$-a_{ms}$	-…	$-a_{mn}$

Tablisa 2

T-2	$-x_1 \quad -x_2$ - … $-y_s$ - … $-x_n$
$y_1 =$	$-b_{11} \quad -b_{12}$ - ... - a_{1s}/a_{rs}-... $-b_{1n}$
$y_2 =$	$-b_{21} \quad -b_{22}$ - ... - a_{2s}/a_{rs} -... $-a_{2n}$
……	....
$y_r =$	$-a_{r1}/a_{rs} \quad -a_{r2}/a_{rs}$ -...- a_{rs}/a_{rs} -...- a_{rn}/a_{rs}
……	....
$y_m =$	$-b_{m1} \quad -b_{m2}$ -...$-a_{ms}/a_{rs}$ -... $-b_{mn}$

Eger biz ýokarda serden žordan usulymyz ýaly yzygiderlikde görkezilen 4-punkt boýunça 1-nji tablisadan 2-nji tablisa geçsek, onda biz ony aşakdaky görnüşde ýazyp bileris. Goý žordan element diýip $a_{rs} \neq 0$ alalyň.

2-nji tablisadan görnüşi ýaly biz y_r bilen x_s -iň ýerini çalyşdyk we aşakdaky amallary ýerine ýetirdik:

1) $-a_{rs}$ elementi žordan element diýip saýladyk we 2-nji tablisada ony $-\frac{1}{a_{rs}}$ diýip ýazdyk.
2) Şol elementiň ýerleşen setirine žordan setir diýip, onuň hemme elementlerini a_{rs} elemente böldük.

Şol elementiň ýerleşen sütüninde bar bolan elementleriň hemmesini şol elemente böldük, alamatlaryny bolsa tersine öwrüp aldyk. Galan hemme elementleri žordan usuldaky ýaly

$$b_{ij} = \frac{a_{ij} \cdot a_{rs} - a_{is} \cdot a_{rj}}{a_{rs}}$$ formula bilen tapdyk.

Biz 2-nji tablisada žordan usuly bilen 1-nji ulgamy çözmeklik üçin 1 ädim žordan usulyny ulandyk. Eger-de biz yzygiderlikde şol usuly ulansaň onda ýokardaky görkezilen 3-nji görnüşe görä takyk netije alarys.

Steýnisiň teoremasy. *Eger 1-nji žordan tablisasyndan $m \leq n$ çyzykly baglanşyksyz setirler bar bolup, m ädimden soňra hemme*

$$f_0(x^*) + \sum_{i=1}^{m+k+l} \lambda_i f_i(x^*) \leq f_0(x^*) + \sum_{i=1}^{m+k+l} \lambda^*{}_i f_i(x^*) \leq f_0(x) +$$
$$+ \sum_{i=1}^{m+k+l} \lambda^*{}_i f_i(x)$$

bolýan $\lambda^* = \{\lambda_1^*, ..., \lambda_{m+k+l}^*\}$ wektoryň bar bolmagy zerur we ýeterlikdir.

Kun–Takkeriň teoremasyny çyzykly programmirlemedäki ikileýinlik teoremasynyň umumylaşdyrmasy, görnüşinde garamak bolar. Goý, çyzykly programmirlemäniň meselesi indiki görnüşde bolsun:

$$b_i - \sum_{j=1}^{n} a_{ij} x_j \leq 0, i = 1, ..., m.$$

çäklendirmelerde $\sum_{j=1}^{n} c_j x_j$ jemi minimizirlemeli. Eger bu meseläniň çözüwi bar bolsa, onda Kun – Takkeriň modofisirlenen teoremasyna laýyklykda $x \in E_n$ we $\lambda_i \geq 0$, i=1,…,n bolanda

$$\sum_{j=1}^{n} c_j x_j^* + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i [b_i - \sum_{j=1}^{n} a_{ij} x_j^*] \leq$$
$$\leq \sum_{j=1}^{n} c_j x_j^* + \sum_{i=1}^{m} \lambda^*{}_i [b_i - \sum_{j=1}^{n} a_{ij} x_j^*] \leq \sum_{j=1}^{n} c_j x_j + \sum_{i=1}^{m} \lambda^*{}_i [b_i - \sum_{j=1}^{n} a_{ij} x_j^*]$$

kanagatlandyrýän *m* ölçegli $\lambda^* \geq 0$ wektor bardyr.

$$\sum_{j=1}^{n} c_j x_j + \sum_{i=1}^{m} \lambda^*{}_i [b_i - \sum_{j=1}^{n} a_{ij} x_j] = \sum_{i=1}^{m} \lambda^*{}_i b_i + \sum_{j=1}^{n} x_j [c_j - \sum_{i=1}^{m} a_{ij} \lambda_i^*]$$

Bolýandygyny göz öňünde tutup, biz λ_i^*-niň

Deňsizligiň jübiti görnüşinde aňladylyp biliner. Eger biz Kun – Takkeriň teoremasyny formal ulansak, onda Lagranž funksiýada deňlige 2 goşulyja (два слагаемых) laýyk geler:

$$\lambda_1[(e,x)+c]+\lambda_2[(-e,x)-c]=(\lambda_1-\lambda_2)[(e,x)+c]=$$
$$=\bar{\lambda}[(e,x)+c]$$

bu ýerde $\bar{\lambda}=\lambda_1-\lambda_2$. Otresateldällik şertine diňe λ_1 we λ_2 degişli, $\bar{\lambda}$ bolsa erkin san bolup biler. Şeýlelikde, biz indiki teoremany formulirleýäris: (Kun-Takkeriň modifisirlenen formulasy)

Teorema 1: Goý, güberçek programmirlemäniň meselesi bar bolsun: $x \in \Omega$ çäklendirmelerde

$$\min f_0(x) \qquad (2)$$

tapmaly, bu ýerde Ω

$$f_i(x)\le 0, i=1,...,m; \qquad (3)$$
$$f_i(x)=(e_i,x)+c_i\le 0, i=m+1,...,m+k; \qquad (4)$$
$$f_i(x)=(e_i,x)+c_i=0, i=m+k+1,...,m+k+l \qquad (5)$$

ulgam bilen berilýär we sleýter şerti ýerine ýetirilýär:

$f_i(\bar{x})<0$, $i=1,\ldots,m$ üçin $\bar{x}\in\Omega$ bardyr. Onda (2-5) meseläniň optimal çözüwi x^* bolmak üçin birinji (m+k) komponentalar otrisatel bolmadyk we (x^*,λ^*) jübüt

$$L(x,\lambda)=f_0(x)+\sum_{i=1}^{m+k+1}\lambda_i f_i(x), x\in E_n; \lambda_i\ge 0, i=1,...,m+k$$

Lagranž funksiýanyň eýerli nokady bolýan, ýagny $\lambda_i \ge 0, i=1,...,m+k$ kanagatlandyrýan x üçin we $x\in E_n$

y_i-ler (i=1,2,…,m) ýokary geçýär, x-ler bolsa aşak geçýär, artykmajy bolsa, çyzykly baglanşykly bolýar.
Subudy. Onda biz aşakdaky tablisany alýarys.

Tablisa 3

	$-y_1$	$-y_2$	…	$-y_r$	$-x_{r+1}$	…	$-x_n$
$x_1=$	c_{11}	c_{12}	…	c_{1r}	$c_{1,r+1}$	…	c_{1n}
$x_2=$	c_{21}	c_{22}	…	c_{2r}	$c_{2,r+1}$	…	c_{1n}
……	………						
$x_r=$	c_{r1}	c_{r2}	…	c_{rr}	$c_{r,r+1}$	…	c_{rn}
……	………						
y_{r+1}	$c_{r+1,1}$	$c_{r+1,2}$	…	$c_{r+1,r}$	$c_{r+1,r+1}$	…	c_{r+1n}
y_{m1}	c_{m1}	c_{m2}	…	c_{mr}	$c_{m,r+1}$	…	c_{mn}

Eger $m\le n$ bolup, bu ulgamyň matrisanyň rangy *r*-e deň bolsa, onda biz sag tarapdaky tablisada ýerleşen elementler olara deň bolýarlar. Onda galan y-ler öz aralarynda çyzykly baglanşyklydyrlar. Ony şeýle ýazmak bolýar:

$$\left.\begin{array}{l} y_{r+1}=-c_{r+1,1}y_1-c_{r+1,2}y_2-\ldots-c_{r+1,r}y_r \\ \ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots \\ y_m=-c_{m1}y_1-c_{m2}y_2-\ldots\ldots-c_{mr}y_r \end{array}\right\}$$

Bu bolsa Steýnisiň teoremasyny doly subut edýär.

Mysal. Aşakdaky deňlemeler ulgamyny alalyň

$$y_1=x_1-4x_2+3x_3$$
$$y_2=-5x_1+x_2$$
$$y_3=2x_1-3x_2-4x_3.$$

Tablisa 4

	$-x_1$	$-x_2$	$-x_3$
$y_1=$	-1	4	-3
$y_2=$	5	-1	0
$y_3=$	-2	$\boxed{3}$	4

Tablisa 5

	$-x_1$	$-y_3$	$-x_3$
$y_1=$	5/3	-4/3	25/3
$y_2=$	13/3	1/3	4/3
$x_2=$	-2/3	1/3	4/3

$$y_1 = -\frac{5}{3}x_1 + \frac{4}{3}y_3 + \frac{25}{3}x_3$$

$$y_2 = -\frac{13}{3}x_1 - \frac{1}{3}y_3 - \frac{4}{3}x_3$$

$$x_2 = \frac{2}{3}x_1 - \frac{1}{3}y_3 - \frac{4}{3}x_3.$$

1) Ω köplükde x^* -den tapawutly nokat bu ýagdaýda $\bar{x} - x^*$ ugur bolup biler we Kun-Takkeriň teoremasy adalatlydyr.

2) x^* nokat Ω köplükde ýeke-täk. Goý, ∇ - x^* nokada $f_0(x)$ funksiýanyň umumylaşdyrylan gradiýentiniň erkin wektory bolsun. Çyzykly programmirlemäniň meselesine seredeliň. $(c_j, x) \le c_j,\ j = 1,...,k$ şertlerde $min(\nabla, x)$ tapmaly. Ol x^* nokada ýeketäk çözüwe eýe $(c_j, x^*) = c_j$, deňsizligi kanagatlandyrýan $j = 1,...,k$ indekslere garalyň. Goý, olar i^* köplügi emele getirsinler. $(c_j,\eta)<0$ ýerine ýetýän $\eta \ne 0$ wektorlaryň toplumy boş bolany üçin c_j wektorlardan minimal bölek köplük saýlap almak bolar. Bu wektorlar üçin $\sum_j \lambda_j e_j = 0$ deňsizligi kanagatlandyrýan şeýle bir položitel $\lambda_j>0$ sanlar tapylar, başga tarapdan $\nabla = \sum_j \alpha_j e_j$. Bu ýerden

$$\nabla + \sum_j (\lambda_j - \alpha_j) e_j = 0$$

λ_j sanlaryň islendikçe uly bolup bilýänligi sebäpli, onda $\nabla + \sum_j \bar{\lambda}_j e_j = 0$ kanagatlandyrýan $\bar{\lambda}_j>0$ bardyr. Bu ýerden biziň ýagdaýymyzdaky Kun-Takker teoremanyň tassyklamasynyň adalatlydygy gelip çykýar. Şu usulda modifisirlenen Kun – Takkeriň teoremasy adatça güberçek programmirlemäniň meselesiniň çäklendirmeler ulgamynda güberçek we çyzykly deňsizlikleriň hatarynda çyzykly deňlemeleriň bar bolan ýagdaýynda ulanylýar.

$$(e,x)+c=0 \qquad (1)$$

görnüşli çyzykly deňleme

$$(e,x)+c=0;$$
$$(-e,x)-c=0$$

§8. Çyzykly däl programmirlemäniň meselesiniň optimal çözüliş usullary

Bellik: Eger sleýter şerti ýerine ýetmese, onda $\{x^*, \lambda^*\}$ görnüşli Lagranž funksiýanyň eýerli nokady bolman hem biler.
Indiki ýönekeý mysala garalyň: $x^2 \leq 0$ şertde $min(-x)$ tapmaly. Sleýter şerti ýerine ýetmeýär, sebäbi $x^2<0$ bolanda x –iň bahalar köplügi boş. Optimum $x=0$ nokatda alynýar. Lagranž funksiýasy

$$L(x,\lambda)=-x+\lambda x^2$$

görnüşe eýe. X boýunça minimumyň zerur şerti $\frac{\partial L}{\partial x}=-1+\lambda x=0$ görnüşde ýazylýar. $x=0$ bolanda bu şerti kanagatlandyrýan λ ýokdur, ýagny Lagranž funksiýanyň $(0,\lambda)$ görnüşli sedlowoý nokady ýokdur. Güberçek programmirlemäniň meselesinde çäklendirmeler hökmünde çyzykly deňsizlik bolup biler. Şunda Kun-Takkeriň teoremasynyň zerurlygy subut edilende sleýter şertiniň ýerine ýetmegini diňe çyzykly däl deňsizlikleriň kesme köplükleri üçin talap etmeli. Dogrudan-da, Kun-Takkeriň teoremasyny subut edenimizde biz bolup biljek ugurlaryň köplüginiň boş däldigini görkezmek üçin sleýter şertini talap etdik.
Goý, çäklendirmeleriň ulgamy

$$\Omega=\left\{x: \begin{array}{l} f_i(x)\leq 0, i=1,\ldots,m; \\ (e_j,x)\leq c_j, j=1,\ldots,k \end{array}\right.$$

görnüşli we $j=1,\ldots,k$ üçin $f_i(\bar{x})<0, i=1,\ldots,m,\quad (e_j,\bar{x})<c_j$ kanagatlandyrýan şeýle bir $\bar{x}$ nokat bar bolsun. Goý, $x^* \in \Omega$ meseläniň optimal çözüwi bolsun. Onda 2 ýagdaýyň bolmagy mümkin :

§4. Çyzykly programmirlemäniň esasy meselesiniň goýluşy we häsiýetleri

Çyzykly z funksiýa berlen:

$$z = p_1x_1 + p_2x_2 + \ldots + p_nx_n \qquad (1)$$

bu ýerde p_j – belli bolan koeffisiýentler (olar dürli hakyky sanlar bolup bilerler).

p_j koeffisiýentler n ölçegli ýewklid giňişliginde $\bar{P}(p_1, p_2,\ldots, p_n)$ baha wektory, x_j näbelliler bolsa $\bar{x}(x_1, x_2,\ldots, x_n)$ wektory berýärler. z funksiýa $\bar{P}$ we gözlenýän $\bar{x}$ wektorlaryň skalýar köpeltmek hasyly görnüşinde ýazmak bolar:

$$z = \bar{P}\cdot\bar{x} \qquad (1a)$$

z funksiýa maksat funksiýa ýa-da meseläniň funksianaly diýilýär.

Çäklendirmeler ulgamy berlen:

$$\left.\begin{array}{l} a_{11}x_1 + a_{12}x_2 + \ldots + a_{1n}x_n \leq a_1, \\ a_{21}x_1 + a_{22}x_2 + \ldots + a_{n1}x_n \leq a_2, \\ \ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots\ldots \\ a_{m1}x_1 + a_{m2}x_2 + \ldots + a_{mn}x_n \leq a_m. \end{array}\right\} \qquad (2)$$

z funksionalyň iň uly ýa-da iň kiçi baha eýe bolmagyny üpjün edýän we (2)-ni kanagatlandyrýan $\bar{x}(x_1, x_2,\ldots, x_n)$ wektory (nokady, näbelliler toplumyny) tapmaly. Ýokarda bellenilşi ýaly (2) ulgam n ölçegli ýewklid giňişliginde güberçek köpburçlugy kesgitleýär. Eger bu köpburçluk boş bolsa (nokatlaryň hiç birini özünde saklamaýar), onda meseläniň çözüwi ýok diýip hasap edilýär.

Eger bu köpburçluk boş däl we diňe bir nokada getirilmeýän bolsa, onda tükeniksiz nokatlar köplügi bar bolup, bu nokatlaryň her biri *z* funksionalyň belli bir takyk baha eýe bolmagyny üpjün edýärler we (2)-ni kanagatlandyrýarlar. Bu nokatlaryň içinde *z* ululyk maksimuma ýa-da minimuma eýe bolýan nokady tapmaly. Bu nokady önüm arkaly tapmak usuly ýerlikli bolmaýar, sebäbi *max z* ýa-da *min z* kesgitleniş ýaýlanyň içinde däl-de, gyrada ýerleşýär.

Teorema1. *z* funksional maksimuma (minimuma) (2) deňsizlikler bilen kesgitlenýän Ω köpburçlugyň gyra nokadynda eýe bolýar.

Subudy. Ω köpburçluk gyra nokatlaryň tükenikli sanyna eýedir. Goý, gyra nokatlar aşakdakylar bolsun:

$$x^{(1)}, x^{(2)}, \dots, x^{(r)}$$

Onda $\forall x \in \Omega$ nokat gyra nokatlaryň güberçek kombinasiýasy bolup durýar

$$x = \sum_{i=1}^{r} \lambda_i x^{(i)}$$

bu ýerde

$$\lambda_i \geq 0, \quad \sum_{i=1}^{r} \lambda_i = 1$$

Goý, *z* funksiýa käbir x_0 nokatda maksimuma eýe bolýar diýeliň

$$z_{\max} = \overline{P} \cdot \overline{x}_0 \qquad (x_0 \in \Omega).$$

$x_0 \in \Omega$ bolýanlygy üçin bu nokat gyra nokatlaryň güberçek kombinasiýasy bolup durýar. Diýmek, käbir λ_i^0 bar bolup aşakdakyny alarys:

$$z_{\max} = \overline{P} \cdot \sum_{i=1}^{r} \lambda_i^0 \overline{x}^{(i)} = \lambda_1^0 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(1)} + \lambda_2^0 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(2)} + \dots + \lambda_r^0 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(r)}$$

$$\overline{\nabla} L_1(x^*) = \alpha_0 \overline{\nabla} f_0(x^*) + \sum_{i \in I^*} \alpha_i \nabla f_i(x^*) \quad G_{L_1}(x^*) \equiv \overline{G}$$

görnüsli wektordan ybarat. $\overline{G}$ - niň nul wektor saklaýandygy üçin x^* nokatda $L_1(x)$ minimum gazanylýar. $i \overline{\in} I^*$ üçin $\alpha_i = 0$ ulanyp we $\frac{\partial L}{\partial x} = -1 + \lambda x = 0$ belgiläp

$$L(x, \lambda) = f_0(x) + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i f_i(x)$$

funksiýa garalyň. Bu funksiýanyň $\lambda_i = \lambda_i^*$ bolanda $x = x^*$ nokada *x* boýunça minimal baha we $x = x^*$ bolanda $\{\lambda_i^*\}$ nokada $\lambda \geq 0$ boýunça maksimal baha eýe bolýandygyny görmek aňsat. Şunlukda, $\{x^*, \lambda^*\}$ Lagranž funksiýanyň eýerli nokady, subut etmelimiz hem şudy. Kun – Takkeriň teoremasy subut edildi.

$$\max_{\nabla \in G_{f_\upsilon}(x^*)} (\nabla,\eta) \geq 0, G(x^*) = \bigcup_{\upsilon \in I^* \cup \{0\}} G_{f_\upsilon}(x^*) \qquad (5)$$

$G(x^*)$ köplügiň $\overline{G}$ güberçek ýagny,

$$\sum_{\upsilon \in I^* \cup \{0\}} \alpha_\upsilon \nabla_\upsilon, \sum_\upsilon \alpha_\upsilon = 1, \alpha_\upsilon \geq 0, \nabla_\upsilon \in G_{f_\upsilon}(x^*)$$

görnüşli wektorlarynyň toplumyna seredeliň. Şu köplük üçin (5) deňsizlik saklanylýar:

$$max(\nabla, \eta) > 0, \text{ hemme } \eta \text{ üçin} \qquad (6)$$

Ýöne bu $\overline{G}$ nul wektory saklaýandygyny aňladýar. Dogrudanda $\overline{G}$ ýapyk çäkli güberçek köplük. Eger G nuly saklamadyk bolsady, onda nul nokatdan 1(§2) häsiýete laýyklykda hemme $\nabla \in G$, $(a,\nabla)<0$ kanagatlandyrýan a normal bilen gipertekizlik geçirip bolardy. Ol blsa (6) deňsizlige garşy gelýär. $\overline{G}$ - niň nul wektory saklaýandygyndan

$$\alpha_0 \nabla_0 + \sum_{i \in I^*} \alpha_i \nabla_i = 0,$$

bu ýerde $\nabla_0 \in G_{f_0}(x^*), \nabla_i \in G_{f_i}(x^*)$

kanagatlandyrýan şeýle bir $\alpha_\upsilon \geq 0, \upsilon \in I^* \cup \{0\}, \sum_\upsilon \alpha_\upsilon = 1$ sanlar bardygy gelip çykýar, şeýle hem $\alpha_0 \neq 0$, sebäbi tersine bolan halatynda W köplük boş bolardy. $L_1(x) = \alpha_0 f_0(x) + \sum_{i \in I^*} \alpha_i f_i(x)$ funksiýa seredeliň. Bu funksiýa güberçek we x^* nokada $G_{L1}(x^*)$ umumylaşdyrylan gradiýentiň köplügi

Her bir $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(1)}, \overline{P} \cdot \overline{x}^{(2)}, \ldots, \overline{P} \cdot \overline{x}^{(r)}$ skalýar köpeltmek hasyly san ululykdyr. Bu sanlardan iň ulusyny saýlalyň; goý, bu san $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$ bolsun. $\overline{x}^{(k)}$ gyra nokatlaryň köplüginiň biri bolup durýar; $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$ bolsa funksionalyň şol nokatda eýe bolýan bahasy.

Hemme $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(i)}$ skalýar köpeltmek hasyllaryň ýerine olaryň iň ulusyny $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$ -ny goýalyň; deňligiň ýerine deňsizlik alarys:

$$z_{\max} \leq \lambda_1^0 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)} + \lambda_2^0 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)} + \ldots + \lambda_r^0 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$$

(eger hemme $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(i)}$ -ler biri-birine deň bolanda, onda deňlik alamaty goýulardy, şonuň üçin deňsizlige deňlik hem goşulýar). $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$ -i jemiň daşyna çykaryp we $\sum_{i=1}^{r} \lambda_i^0 = 1$ bolýanlygy göz öňünde tutup alarys:

$$z_{\max} \leq \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)} \cdot \sum_{i=1}^{r} \lambda_i^0 = \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$$

Şeýlelik bilen,

$$z_{\max} \leq \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$$

Bu ýerde $z_{\max}$ alnan köplükde funksionalyň iň uly bahasy; $\overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$ - funksionalyň käbir gyra nokatda eýe bolýan bahasy. Emma iň uly baha mümkin bolan bahalardan kiçi bolup bilmeýär, şonuň diňe = alamaty galýar:

$$z_{\max} = \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}$$

Diýmek, z iň uly baha diňe gyra nokatda eýe bolýar.

Teorema2. *Eger z funksional maksimuma (minimuma) birnäçe gyra nokatlarda eýe bolýan bolsa:*

$$z_{\max} = \overline{P} \cdot \overline{x}^{(1)} = \overline{P} \cdot \overline{x}^{(2)} = \ldots = \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)}, \quad k > r$$

(r – gyra nokatlaryň umumy sany), onda z şol bir baha agzalan k nokatlaryň güberçek oboloçkasynyň her bir nokadynda eýe bolýar.

Subudy. $x^{(1)}, x^{(2)}, \ldots, x^{(k)}$ nokatlar bilen emele gelen güberçek köplügiň islendik x nokadyndaky z funksionalyň bahasyna seredeliň:

$$x = \sum_{i=1}^{k} \lambda_i x^{(i)}, \quad \lambda_i \geq 0, \quad \sum_{i=1}^{k} \lambda_i = 1;$$

$$z(x) = \overline{P} \cdot \overline{x} = \overline{P} \cdot \sum_{i=1}^{k} \lambda_i \overline{x}^{(i)} = \lambda_1 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(1)} + \lambda_2 \overline{P} \cdot \overline{x}^{(2)} + \ldots + \lambda_k \overline{P} \cdot \overline{x}^{(k)} =$$
$$= \lambda_1 z_{\max} + \lambda_2 z_{\max} + \ldots + \lambda_k z_{\max} = z_{\max} (\lambda_1 + \lambda_2 + \ldots + \lambda_k =$$
$$= z_{\max} \sum_{i=1}^{k} \lambda_i = z_{\max} \cdot 1 = z_{\max}.$$

Diýmek, güberçek oboloçkanyň islendik nokadynda $z(x)$-iň bahasy

$$z(x) = z_{\max}$$

Geometriki manyda: eger max z iki nokatda ýerine ýetýän bolsa, onda ol bütin kesimde ýerine ýetýär; eger üç nokatda ýerine ýetýän bolsa, onda bütin üçburçlukda we ş.m. Eger max z hemme gyra nokatlarda ýerine ýetýän bolsa, onda çözüwler ýaýlasynda funksional üýtgemeýär.

Subut edilen teoremalar meseleleri çözmekligiň usullaryny gurmaklygyň esasyny düzýärler.

$f_i(x^*)>0$ bolsa, onda bu $f_0(x^*) + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i f_i(x^*) \geq 0, i = 1, \ldots, m.$ ýokardan çäklilige garşy gelýär. Şonuň üçin hemme $i=1,\ldots,m$ üçin $f_i(x^*) \leq 0$, ýagny $x^* \in \Omega$. Soňra $x \in \Omega$ bolanda $\sum_{i=1}^{m} \lambda_i f_i(x) \leq 0$ we şol sebäpli:

$$f_0(x) \geq f_0(x) + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i^* f_i(x^*) \geq f_0(x^*)$$

Şunlukda x^* optimal çözüw.

Zerurlygy. Goý, x^* optimal çözüw bolsun. $F_i(x^*)=0$ kanagatlandyrýan şeýle bir $i \in \{1, \ldots, m\}$ elerden ybarat bolan I^* indeksler köplügine we soňra ähli $i \in I^*$ üçin $f'_{i\eta}(x^*) < 0$ kanagatlandyrýan şeýle bir η wektoryň W köplügine garalyň. Goý, $k = W \bigcup \{0\}$ bolsun.

Bellik. Eger I^* boş bolsa onda W köplük erkin nul däl wektorlarda ybarat, k köplük bolsa bütin giňişligi doldurýar diýip hasap ederis. W-ny emele getirýän wektorlaryň köplügi – bu x^* nokatdan bolup biljek ugurlaryň köplügidir, ýagny $x + i(\eta)\eta\overline{\Omega}$ kanagatlandyrýan şeýle bir $t(\eta)>0$ san tapylýan η ugurlardyr. Bu ýerde $\overline{\Omega} - \Omega$ köplügiň içki nokatlarynyň bölek köplügi. Sleýter şerti bize W köplügiň boş dälligini berýär. x^* - minimum nokady bolany üçin, mümkin bolan islendik ugurda $f(x)$ kemelmeli däldir, ýagny W girýän islendik ugur boýunça önüm otrisatel bolmaly däldir. $f'_{0\eta}(x^*) < 0$ kanagatlandyrýan η köplügini W_0 diýip belgiläliň. Aşakdaky şert ýerine ýetirilmeli: $W_0 \bigcap W = \emptyset$, diýmek, $i \in I^*$ bolanda $f'_{0\eta}(x^*) we f'_{i\eta}(x^*)$ şol bir wagtda otrisatel bolýan η ugur ýokdyr. Islendik η üçin

$$\max_{\upsilon \in I^* \bigcup \{0\}} \max_{\nabla \in G_{f_\upsilon}(x^*)} (\nabla, \eta) \geq 0$$

gelip çykýar. Bu ýerden:

çözüwleriniň gözlegini aňsatlaşdyrýan örän möhüm indiki häsiýete eýe:
Teorema 1: Güberçek programmirlemäniň meselesiniň islendik lokal minimumy global minimumdyr.
Subudy: Eger $x^* \in \Omega$ lokal minimumyň nokady bolsa onda şeýle bir $S(x^*)$ etrap bar bolup, $x \in \Omega \bigcap S(x^*)$ bolanda $f_0(x)-f_0(x^*)\geq 0$ ýerine ýeter. Goý, $-x$ Ω degişli nokat we $f(x) < f(x^*)$ bolsun. Goý $0 < \alpha < 1$ bolsun.

$$f((1-\alpha)x^* + \alpha x) < (1-\alpha) f(x^*) + \alpha f(x) < f(x^*)$$

Ýöne kiçi $\alpha - da$ $(1-\alpha)x^* + \alpha x \in \Omega \bigcap S(x^*)$ garşylyga geldik . bu ýerden x^* nokada global minimuma ýetilýändigi gelip çykýar.
Teorema 2: (Kun-Takkeriň teoremasy). Goý, (2-3) meseläniň Ω ýaýlasynyň içki nokatlary bar bolsun, ýagny sleýter şerti kanagatlansyn: ähli $i=1,\dots,m$ üçin $f_i(x)<0$ kanagatlandyrýan $x \in \Omega$ bar bolsun. Onda x^* (2-3) meseläniň optimal çözüwi bolmagy ücin (x^*,λ^*) jübütiň

$$L(x,\lambda) = f_0(x) + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i f_i(x), x \in E_n; \lambda \geq 0$$

Lagranž funksiýasynyň sedlowoý nokady bolýan otresatel däl m ölçegli $\lambda^* = \{\lambda_i^*\}_{i=1}^m$ wektoryň bar bolmagy zerur we ýeterlik, ýagny:

$$f_0(x) + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i^* f_i(x) \geq f_0(x^*) + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i^* f_i(x^*) \geq$$
$$\geq f_0(x^*) + \sum_{i=1}^{m} \lambda_i f_i(x^*) \geq 0, i = 1,\dots,m. \quad (4)$$

Subudy:
Ýeterligi: Goý, (4) ýerine ýetirilýän bolsun. Eger käbir I üçin

§5. Çyzykly programmirlemäniň geometrik manysy we grafiki usul bilen çözülişi

Goý bize E^n- ýewklidiň giňişliginde maksat funksiýa berlen bolsun.

$$Z(x) = \sum_{i=1}^{n} p_i x_i \quad (1)$$

$$\sum_{i=1}^{n} a_{ji} x_i < b_j \quad (2)$$

$$x_i \geq 0 \quad (3)$$

Bu meseläniň geometrik çözülişi maksat funksiýanyň $z=0$ (4) şerti bilen kesgitlenilýär. Eger biz $x(x_1,x_2,\dots,x_n)$ azat nokady alsak onda ol nokada görä maksat funksiýa şeýle görnüşde ýazylýar.

$$Z^{/}(x) = \sum_{i=1}^{n} p_i x_i \quad (5)$$

Bu bolsa ýokary tizlikden daşlaşýan nokady görkezýär. Onda biz 4-nji şerte görä, ýokary tekizligi koordinatalar başlangyjyndan geçirip x' nokada görä oňa parallel bolan tekizligi kesgitlemeli bolýarys. Meseläni aýdyňlaşdyrmak üçin biz ony ýönekeýleşdirip tekizlikde x_1 hem-de x_2 nokat arkaly hususy hala Ýewklidiň E^2 2-nji giňişliginde seredeliň. Onda biz aşakdaky hususy hallary alýarys.



1-nji surat



2-nji surat



3-nji surat



4-nji surat



5-nji surat

§7. Çyzykly däl güberçek programmirlemä gelýän amaly meseleler

M ýapyk güberçek köplükde $f_0(x)$ güberçek funksiýanyň minimal bahasyny tapmaklygyň meselesini biz güberçek programmirlemäniň meselesi diýip atlandyralyň. M köplügiň $f_i(x)\le 0$ $(i=1,..,m)$ güberçek deňsizlikler ulgamy bilen kesgitlenýän ýagdaýa seredeliň. Güberçek programmirlemäniň meselesi hökmünde biz indiki meselä düşüneris:

$$\boldsymbol{f_i(x)\le 0;\ i=1,\dots m} \qquad (1)$$

$f_i(x)\le 0,\ i=1,\dots,m$ çäklenmelerde

$$\boldsymbol{\min f_0(x)} \qquad (2)$$

tapmaly. Bu ýerde $f_\nu(x), \nu = 0,1,...m$ - n ölçegli E_n ýewklid giňişliginde kesgitlenen güberçek funksiýalar. $\boldsymbol{f_i(x)\le 0}$ görnüşli her bir deňsizlik ýa boş ýa-da Ω_i güberçek köplügi kesgitleýär. Dogrudanam, goý Ω_i boş däl $x_1,x_2\in\Omega_i$ ýagny $f_i(x_1)\le 0$, $f_i(x_2)\le 0$ we goý $\alpha_1,\alpha_2\ge 0$, $\alpha_1+\alpha_2=1$ bolsun. Onda $f_i(x)$ güberçekligi esasynda alarys:

$$f_i(\alpha_1 x_1 + \alpha_2 x_2) \le \alpha_1 f_1(x_1) + \alpha_2 f_2(x_2) \le 0 \qquad (3)$$

Diýmek $\alpha_1 x_1 + \alpha_2 x_2 \in \Omega_i$. Bu ýerden Ω_i güberçek köplük. Onuň ýapyklygy ýerlikli (2) deňsizlikler ulgamyna ýa baş ýa-da ýapyk we güberçek bolan $\Omega = \bigcap_{i=1}^{m}\Omega_i$ köplük degişli. Eger Ω boş bolsa, onda (2-3) meseläniň ýolbererlik çözüwleri ýokdur. Eger Ω çäkli bolsa, onda meseläniň çözüwi bar, sebäbi üznüksiz funksiýa ($f_i(x)$ güberçek funksiýa üznüksiz) ýapyk çäkli köplükde minimal baha eýe bolýar. Eger Ω çäkli däl bolsa, onda optimal çözüw bolman hem biler. Güberçek programmirlemäniň meseleleri olaryň çäklendirmeler ulgamy bolsa islendik G ýaýlada

$$G\sum_{j=1}^{n} x_j \le C \qquad (6)$$

$$x_j \ge 0 \qquad (7)$$

(5)-(7) x_j-baglylykda çyzykly ýa-da çyzykly däl programmirlemäniň meselesi bolýar. Ýene bir meselä seredeliň, ýagny goý gurluşyk guramasy n-dürli senagat gurluşuk binalaryny galdyrmak üçin tabşyryklary ýerine ýetirýän bolsun. Gurluşygyň binalarynyň j-nji görnüşi islendik bir tehnalogiki shemada ýerine ýetirilýän bolsun. Eger l-nji binany s-nji tehnalogiki shemada ýerine ýetirilýän bolsa onda serişdeleriň çykdajylarynyň ululygy - a_{ls}, netijede gurluşygyň guramasy C(x_{ls})-ululykda girdeýji almaga mümkinçilik berýän bolsun. Şeýle bir shemany saýlap almaly, haçan galdyrylan senagat binalary gurluşyk max girdeýji berýän bolsa, onda onuň max modeli

$$F(x)=\sum_{l=1}^{n}\sum_{s=1}^{k} C(x_{ls}) \to \max$$

$$\sum_{l=1}^{n}\sum_{s=1}^{k} a_{ls}^{j} x_{ls} \le b_j \qquad (j=\overline{1,m})$$

$$x_{ls} = \begin{cases} 1, \text{ eger } (l=\overline{1,n}) \\ 0, \text{ eger } (s=\overline{1,k}) \end{cases}$$

$$F(x)=\sum_{l=1}^{n} F_a(x)$$

görnüşde alynýar.

Görşümiz ýaly çyzgylaryň her birinde dürli görnüşler görkezilen. Ω- köpburçlugyň çäklendirilen ýapyk görnüşinde maximum hem minimum kesgitlenilýär. Haýsy hem bolsa bir tarapy çäklendirilmedik görnüşinde ýa maksimum kesgitlenilýär minimum kesgitlenilmeýär. Tersine minimum kesgitlenilýär maksimum kesgitlenilmeýär.

Çyzykly programmirlemäniň meselesiniň grafik usul bilen çözülişi

Çyzykly programmirlemäniň meselesiniň grafiki taýdan çözmeklik üçin ýokarda seredilen meselä görä grafik usul bilen çözmeklik üçin biz z=0 şertini maksat funksiýa görä goýup aýdyňlaşdyrmaklyk üçin tekizlikde E^2 Ω- köpburçluga seredip, onuň depelerini kesgitläliň we max, min bahalaryny tapalyň. Goý bize aşakdaky görnüşde mesele berlen bolsun.

$$z_{\max} = x_1 + 3x_2$$

$$\left.\begin{array}{lr} (I) & x_1 + x_2 \le 5, \\ (II) & -x_1 + x_2 \le 3, \\ (III) & x_1 \qquad \le 4, \\ (IV) & x_1 \qquad \ge 0, \\ (V) & x_2 \ge 0, \end{array}\right\}$$



1-nji surat

Eger-de biz $z=p_1x_1+p_2x_2$ deňlemä görä $z=p_1 \cdot p_2$ diýip alsak $p_1p_2=p_1x_1+p_2x_2$ bolup alsak.

$$\frac{p_1x_1}{p_1p_2}+\frac{p_2x_2}{p_1p_2}=\frac{p_1p_2}{p_1p_2}$$

$$\frac{x_1}{p_2}+\frac{x_2}{p_1}=1.$$

$$\frac{x_1}{5}+\frac{x_2}{5}=1$$

$$\frac{x_1}{-3}+\frac{x_2}{3}=1$$

bahany tapmak üçin (1)-(2) deňsizliklere hem-de (4) şerte (2)-(3) göz öňüne tutmak bilen tapmak bolýar. (1)-(2) degişlidir: biz bazis usulyny ulanyp, we goşmaça (2-3) şertler göz öňünde tutup, tükenikli ädimden soňra bu meseläniň optimal çözüwiniň bardygyny ýa-da ýokdugyny kesgitläp bilýäris. Şeýlelikde kwadrat programmirlemäniň meselesiniň çözüliş prosesi aşakdaky tapgyrlardan durýar:

1) Lagranžyň funksiýasyny düzmeli;
2) (1)-(2) görnüşde hökmany we ýeterlik şertini Lagranžyň funksiýasy üçin eýer nokatlaryň bardygyny görkezmeli;
3) Täzeden goşmaça girizilen bazisleriň üsti bilen onuň usulyny ulanyp, Lagranžyň funksiýasy üçin eýer nokatlaryň bardygyny hem-de onuň koordinatalaryny görkezmeli, eger-de ýok bolsa, onuň ýokdugyny görkezmeli.
4) Netijede meseläniň optimal çözüwini kesgitlemeli we maksat funksiýany tapmaly.

Separabel meselelere gelýän amaly meseleler.

Ykdysadyýetde wajyp meseleleriň içinde pudaklaryň kärhanalaryň olaryň bölümleriniň we bölümçeleriniň arasynda maýa goýumlaryň optimal bölünişiniň meselesi örän gyzykly meseledir.

Goý, bize aşakdaky görnüşde mesele berlen bolsun. Goý n dürli pudaklaryň ozone mahsus bolan önümleri öndürýän bolsun, maýa goýumlaryň peýdalylygy j-njy pudagyň girdeýjisiniň q_j-ulülyga baglylykdaky funksiýasy bilen kesgitlenilýär. C-ululygy ýagny serişdeleri pudaklar arasynda şeýle bölünmeli, netijede jemi alynýan peýda max bolmaly, eger bu funksiýa çyzykly bolsa, onda biz çyzykly programmirlemäniň meselesini alýarys, ýagny bize belli bolan:

$$F(x)=\sum_{j=1}^{n} q_j(x_j) \to \max \qquad (5)$$

§6. Şekillendirilen kwadrat programmirlemäniň meselesi üçin Lagranžyň funksiýasy

$$L_n = \sum_{j=1}^{n} d_j x_j + \sum_{k=1}^{n}\sum_{j=1}^{n} C_{kj} x_k x_j + y_i (b_i - \sum_{j=1}^{n} a_{ij} x_j)$$

eger-de

$$L = (y_0, x_0) = (x_1^0, x_2^0, ..., x_n^0, y_1^0, y_2^0, ..., y_n^0)$$

eýer nokatlary bolsa, onda bu nokatlarda ýokardaky gatnaşyklar ýerine ýetýär. Egerde biz goşmaça täze näbelliler girizsek, ýagny V_j, W_i deňsizlikleri deňlemä öwürip kwadrat programmirlemäniň meselesiniň matematiki modellerini aşakdaky görnüşde ýazmak bolýar.

$$\frac{\partial L_0}{\partial x_j} + V_j = 0 \quad (j = \overline{1,m}) \qquad (1)$$

$$\frac{\partial L_0}{\partial y_i} - W_i = 0 \quad (i = \overline{i,m}) \qquad (2)$$

$$x_j^0 V_j = 0 \quad (j = \overline{1,n}) \qquad (3)$$

$$y_i^0 \; W_i = 0 \quad (i = \overline{1,m}) \qquad (4)$$

$$x_j^0 \geq 0, \; V \geq 0, \; W_i \geq 0, \; y_i^0 \geq 0$$

Ýokarda berlen kwadrat programmirlemäniň meselesini çözmek üçin (1)-(2) ýerine täzeden alynan (1) we (2) sistemanyň oňyn çözülişini kesgitlemeli. Ol bolsa (3) we (4) şertleriň kanagatlandyrýan ýagdaýynda kesgitlemeli. Bu çözüw bolsa goşmaça näbellilerini ýagny bazisi girizip, onuň usulyny peýdalanyp bu meseläniň çözüwini peýdalanyp bolýar, egerde maksat funksiýa

$$F = \sum M y_i - \max$$

$$x_1 + x_2 = 5$$
$$-x_1 + x_2 = 3$$

$$2x_2 = 8$$

Bu ýerden

$$x_2 = 4, \;\; x_1 = 1.$$

Şeýlelikde

$$z_{\max} = 1 \cdot 1 + 3 \cdot 4 = 13.$$

§6. Çyzykly programmirlemäniň meselesiniň Simpleks usuly bilen optimal çözülişi

Goý, bize başlangyç mesele ýa-da çyzykly z funksiýa

$$z = p_1 x_1 + ... + p_n x_n \quad (1)$$

we oňa degişli çäklendirmeler ulgamy berlen bolsun:

$$\left.\begin{array}{l} a_{11}x_1 + a_{12}x_2 + ... + a_{1n}x_n \le a_1 \\ a_{21}x_1 + a_{22}x_2 + ... + a_{2n}x_n \le a_2 \\ .... \\ a_{m1}x_1 + a_{m2}x_2 + ... + a_{mn}x_n \le a_m \end{array}\right\} \quad (2)$$

bu ýerde $x_1, x_2, ..., x_n$ önümleriň görnüşleri; $p_1, p_2, ..., p_n$ önümleriň bir birligini ýerleşdirmegiň bahalary islendik belli hakyky sanlar (bahalar).
p_j koeffisiýentler ***n*** ölçegli ýewklid giňişliginde baha $\overline{p}(p_1,..., p_n)$ wektoryny, x_j - üýtgeýänler $\overline{x}(x_1,...,x_n)$ wektory kesgitleýänligi üçin *z* funksiýa $\vec{p}$ baha wektory bilen gözlenýän $\vec{x}$ wektoryň skalýar köpeltmek hasyly görnüşinde

$$z = \overline{p} \cdot \overline{x}$$

ýaly hem aňladylyp biliner. Bu funksiýa maksatlaýyn ýa-da baha funksiýasy – meseläniň funksionaly diýip atlandyrylýar.

Ulgamdaky $a_1, a_2, ..., a_m$ – sanlar resurslaryň görnüşlerini aňladýarlar; a_{ij} – ykdysady-tehnologik koeffisiýent bolup ***j*** önümi öndürmekde sarp edilýän ***i*** görnüşli resursy kesgitleýär.

§5. Kwadrat programmirleme meselesi we onuň matematiki modeli

